# Gabanjañlyk / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Gabanjañlyk / hekaýa GABANJAŇLYK

Kemput-nabat bilen süýjeýän demine duran çaýyň başynyň gürrüňi gyzyşypdy. Ululáryň bir otursalar müň gepiň başyny agyrtman, bäri-bärde turmajagyny bilýän çagalar öz oýunlary bilen gümradylar. Iki baka kowalaşýan çagalaryň gowur-galmagaly has örjäberende ulularyň gürrüňiniň arasy üzülýärdi, olar barmagyny çommaldyp, haýbat atan bolýardylar, soňam «Şulaň baryna-da bir şükür» diýip, ýylgyrýardylar.
Goňşuçylykda ýaşaýan iki gelniň çaý başyndaky gürrüňleriniň çöşlenen ýumagy düýrlene-düýrlene, ahyry olar özara derdinişmäge başladylar.
– Meňkem-ä giç geldi weli, seň Sähediňem ýarygijeden agansoň gapyňyzy «tarkyldadýardy»-diýip, Üzümgül çagalar eşidäýmesin diýýän ýaly ýuwaşjadan aýtdy.
– Hawa, düýn ýüwürjim bilen şähere gitdiler-diýip, Bägül adamsynyň giç geleni üçin özi utanmaly ýaly ýaňaklary gyzaryp, müýnli dillendi.-Işim bar diýýä, oňa nä gutarma barmy?
– Hawa-da, iş diýer, pişe diýer, garaz bi erkeklere düşünip bilmersiň. Men-ä birhili öwrenişibem gidipdirin. Gizläp nädeýin, boýdaş jan, şäherde kireý edýä, bäş-üç manat gazanýaram. Gowy gazanan güni dagy baý dili süýjäp gelýär-ä…
Bägül halyň gülüni dyrmap, aşak bakdy, onuň ýaňaklary henizem gyzaryp durdy, gara gaşlary bolsa, garlawajyň ganaty ýaly gerildi, ol uludan demini aldy.
– Gyşyk basýan aýaga köwüş paramaz diýipdirler, boýdaş-diýip, Üzümgül goňşusynyň gowuşgynsyzlygyny özüçe ýorup, golaý-golaý süýşdi.-Ynam ýokdur bulara. Aýagynyň astynda maşyn bolaýsa, ana, onsoň tutdurýan däldir. Meňkä kireý edýär, Sähet ýarygije näme işleýärkä?
– Ony işe çagyrýarlar, iňlis dilini suwara bilensoň, kän kişiň oňa işi düşýä-dä.
– Günä galmaýyn weli, bir zatlara baş goşýan dagy bolaýmasyn…

Bägüliň kalbynda bir zat gopan ýaly boldy, boýnundaky damarlary tirsildäp gitdi. Ol her näçe syr bildirmejek bolsa-da, özüne erk edip bilmedi, iňňäň üstünde oturan ýaly, özüni ýitirdi. Giň otagyň içi birden howurlan ýaly, ony der basdy, dört diwar gysyp-gowurýan ýaly boldy.
— Ho-ol Keýigi bilýäň-ä sen, boýdaş ana şoň adamsy şäherden bir başy boş gelin tapan ekeni-diýip, Üzümgül goňşusyny otdan alyp oda atýandygyndan bihabar ýaly çalt-çalt gürleýärdi.-Bir gije garama-gara onuň yzyna düşüpdir, aňtapdyr. Baryp görse… Elindäki oklawy bilen komaý ýerine iki gezek jaýdar gondurypdyr welin, häzir oň adamsy edil ýüplük ýaly demi çykmaýar. Şü obadaky sadakalarada-da ýany çagaly gidýä. Diýýän-ä, gaýra bakdygyň, bular ileriňde iş goparaýýar.
— Goňşy Sähedi men bu gün tanamaly däl ahyryn-diýip, Bägül özüni biraz ele alyp dillendi.-Şu wagta çen ýamandan ady-sory çykmady.
Ýöne gury oduna ot degensoň ony söndürip bolmaýar. Ot alaw aldy, onuň ýalmawuz dili ýaş gelniň gursagyna köz guýdy. Mundan soň sözleşip maza tapmajagyny bilensoň, goňşy gelin turmak bilen boldy. Bägül ony ugradyp geldi-de, goşa ýassyga kellesini goýup uzyn düşüp ýatdy, iş bilen seri bolmady, jedir-jedir edip ýören oguljygyna-da söz gatmady. «Ýok, ol maňa ikilik edip bilmez» diýen pikir gursagynda köräp gidýärdi, emma kalbynda at salýan güýçli tupan welin, ony şol bada öçürýärdi.
Daşardan maşynyň sesi geldi, onuň gapylarynyň şarkyldysy eşidildi. Oglunyň şadyýan gülküsi, oňa habar gatýan adamsynyň hoşwagt sesi barha golaý gelýärdi. Sähet içeri girdi-de, ýatan gelnine gözi düşüp, bosagada aýak çekdi.
— Bägül jan adamyňy şeýdip garşylarlarmy?-diýip, ol bälçiräp aýtdy.
«Doýan guş ýaly, dili süýjäp gelipdir, biwepa» diýip, Bägül gahar bilen gaşlaryny çytdy.
— Kelläm agyrýa — diýip, ol birden horkuldap aglabermekden saklanyp, özüni zordan ele alyp, çalaja seslendi.
Sähet golaý gelip aşak oturdy-da, onuň maňlaýyny elledi:
— Ejeň biraz gyzgynam bar öýdýän-diýip, ol ogluna garap

aýtdy.-Görýän weli, agşamlyk biş-düşi ikimiz etmeli borus. «Aňyrkysynyň atyryndanam guýup bilipdir üstüne-diýip, Bägül adamsyndan gelýän ýakymly ys barada ýigrenç bilen oýlandy.- Saýyr-maýyr geplemänem tapypdyr indi».
Sähet eşiklerini çalşyryndy-da, demi-demine ýetmän jedirdeýän ogluny yzyna tirkäp, aşhana gitdi. Şol ýerden gap-gaçlaryň şakyrdysy eşidilip ugrady. Bägül assyrynlyk bilen ýerinden galdy-da, adasmynyň eşiklerini goýan otagyna bardy. Asgyçdan asylan penjegi eline alyp, del zat agtarýan ýaly, gözden geçirmäge başlady. Ol şu mahal zenan saçynyň ýekeje taryny tapaýsa-da geň galjak däldi, emma penjek juda tämizdi. «Gaýtmanka muny ilik-düwme elden geçirip goýberýändir-le» diýip, ol muny-da özüçe ýordy. Penjegiň jübülerini çöwrüşdirdi, goltuk jübüden çykan haty ol zähresi ýarylan ýaly elinden gaçyrdy. Bägül dört barmak kagyzy aýasyna gysymlap, jaýyna gelip ýatdy. «Hat şondandyr» diýen pikir bolsa, oňa ynjalyk bermeýärdi. El ýaly kagyz edil köz gysymlan ýaly, onuň aýasyny ýakyp barýardy, emma ony açyp okap görmäge welin howlukmaýardy, sojap-sojap dem alýardy. Ahyry ol özüni dürsedi, ýalňyz özüdigine garamazdan, haty gizläp açyp okady: «Haty maşynyň öňki aýnasyna gysdyrýan. Ertir gije öýe gel. Ýene-de iş bar, gelersiň. Garaşýan». Howul-hara ýazylandygy mese-mälim bildirýän sözleriň soňunda çyrşalan gol bardy. «Aý, şeýledir-le, tüssesiz ot bolýamy näme!-diýip, ol gözüne ýaş aýlady.-Üzümgül dagam ýöne ýere aýtmaz-a bu gürrüňleri, eşidendir, habarlydyr. Ýogsam ýok ýerden biriniň ärine möt ederlermi, diýsene. Ikiýüzli, biwepa».
Bägül ýatyp-turup karar tapmady. Eý gören, ölüp-öçüp söýen adamsynyň duýdansyz çalan ajy şarpygynyň awusy içinden çykarly däldi. Ol ýassyga ýüzüni goýup, iki egnini titredip, sessiz aglady, ýüregi agzyndan çykara geldi. Ejizlemäňem çaky bar, kem-kemden ol süňňüne gurbatyň gaýtadan ornaýandygyny duýdy. «Aňtamaly, it masgarasy edip içiňi sowatmaly» diýen oý-pikir onuň serinde peýda boldy. Goňşusynyň gürrüň beren wakasy ýadyna düşdi. Ol syr bildirmezligi müwessa bildi.
Ertesi ir bilen çaý başynda Sähet özüniň goşun gullugynda bolan dostunyň uly firmanyň başlygydygy, özüni şol dostunyň

işe çagyrýanlygy, şäherdäki bu işiniň mekdepde okadýan sapaklaryna päsgel bermeýändigi barada gürrüň berýän wagty ýaş gelin mylaýymlyk bilen baş atýardy. Mekdepde okuwçylaryň rugsat wagty bolansoň, Sähet uzynly gün öýüň işine gümra boldy, agşamlyk nahardan soňra ol eşiklerini geýinmäge durdy.
-Oglum, garagolluk etmän ejeň bilenjik otur, men şähere baryp-da gelerin-diýip, ol aýtdy. -Men bu gün öz maşynymy münüp giderin, inime-de azar berip ýörmäýin.
«Hany gidiber, seň haýsy firma barýanyňy gözüňe görkezerin» diýip içinden gaharly oýlanan gelin, ýöne ýylgyran bolaýdy.
Daşary mazaly garalypdy, arassa gögüň ýüzünde ýyldyzlar petreşýärdi. Ýuwaşja öwüsýän güýz şemaly iniňi jümşüldedýärdi. Bägül ogluny geýindirip, golaýda ýaşaýan gaýynlaryna tarap ugrady. Sähediň inisi Myrat öýde ekeni. Ol gelnejesiniň ýany bilen gelýän çaga gözi düşüp, şadyýan seslendi:
– Ahow, inijik gelipdir-ä-diýip, ol agasynyň ogluny gujagyna göterip, içeri ýöneldi. Garagözelek agtygynyň adyny eşiden gaýyn ene hem törki jaýdan çykdy, kemzolynyň jübüsinden çykaryp, oňa kemput berdi.
– Hany gel, gelin-diýip, ol agtygyň posalajyk ýaňaklaryndan gaýta-gaýta ogşaşdyryp durşuna Bägüle ýüzlendi.
– Ýok, eje, men geçip oturmaýyn, meň şäherlik işim bar, Myrat bilenjik gidip geleýin.
– Gijäň içinde o nämäň işi, gyz?
-Sähet häliräk şähere gitdi-diýip, Bägül gaýynyna düşündirmäge durdy.-Meň yzymdanjyk bar-diýdi, Myrat bilýändir şo jaýy-diýdi.
– Giç dälmidir gelneje-diýip, Myradyň buýtar-suýtar edibermesi Bägülüň şübhesini artdyrdy. «Bularyň barysam bir suw-la» diýip, ol pikir etdi.
– Meňem işim bardy, daň bilen Hojam agany tebibe äkitmelidim-dä…
– Hojam agaň ölesi ýok-diýip, Bägül morta aýdyp goýberdi.
Agtygynyň öz ýanynda galjakdygyna begenjinden dylym-dylym edýän ene körpe ogluna gatyrgandy, üm bilen yşarat etdi.
Maşyna münensoň ýüwürjisi yzyna gaňrylyp gelnejesine garady:
– Nirä eltmeli?

– Hemişe ony eltýän öýüňe.
Şäheriň köçeleri gündizlik ýaly ýap-ýagtydy, onuň mähellesi özüne ýetikdi. Olar birnäçe çatyryklardan geçip, çolarak köçä girdiler. Gat-gat jaýalryň aýnalarynyň köpüsinde yşyk bardy. Myrat şol belent jaýalryň iň çetdäkisine golaý bardy-da, maşyny saklady.
– Şol jaýdadyr-diýip, ol başyny atyp görkezdi. -Bile baraýaly.
– Ýok, sen oturyber-diýip, Bägül onuň haýsy gatdadygyny hem soramagy unudyp, tasyrdap düşüp gitdi.
Ýüwürjisiniň salgy beren jaýynyň öňünde ak maşyn ýyldyzlaryň ýagtysyna agaryp görünýärdi. «Maşyny gizläp goýaýynam öýtmändir» diýip, ol ýöräp barşyna öz-özüne pyşyrdady. Ol belent jaýyň onlarça göz bolup ýanyp duran aýnalaryny synlamaga durdy. Ikinji gatyň aýnasynyň perdesi syrylyp, saçy ýazylgy, iç geýimli ýaş zenan assyrynlyk bilen daşary garady. Ol ak maşynyň ýanyndaky zenany anyk görüpdi. Perde ýapyldy. Soňra ol ýene-de ýuwaşja syrylyp, indi ondan erkek kişi ogrynça garanjaklady. «Züweddin, ýalançy diýsänim» diýip, Bägül gaharly oýlandy. «Keýik adamsyny oklawlap öňüne salyp gaýdypdyr» diýip, Üzümgüliň aýdan sözleri onuň ýadyna düşdi. Ol garaňkyň içinde oňaýly zat gözläp, töweregine garanjaklap başlady. Onýança-da, gulaç ýaly demir bölegi eline ildi. Onuň eli demirli maşyna tarap barýanyny gören ýüwürjisi «Gelneje beýtme» diýip, gygyrdy. Bägül bolsa, belent jaýyň ýanýan gözlerinden perdäni çala syryp, özüne seredýän zenanyň nazaryny meçew berýän ýaly duýdy. Ol dyňzap gelen gahar-gazaby bilen elindäki demiri maşynyň öňki aýnasyna batly urdy. Urgynyň zarbyna aýna kül-pagyş boldy. Onuň sesi gijäň ümsümligini sarsdyrdy. Bu sese jaýyň üçünji gatyndan seretdiler.
– Bägül senmi?-diýip, Sähet şol ýerden aşak garap gygyrýardy. -Hany üçünji gata gal!
Aýnanyň döwülen sesine ýüwürjisi atylyp geldi, ol dili tutulan ýaly diňe üm bilen bir zatlar diýjek bolýardy. Bägül oňa ünsem bermän, üçünji gata ylgap ugrady, elidnäki demir bölegi bolsa, awçynyň tüpeňi ýaly öňe çenelip barýardy. Ol jaýyň girelgesine ýetip barýarka, Sähet ylgap onuň öňünden çykdy. Adamsyny

görensoň, gelniň gahary has-da dyňzady, ol eliňdäki demir bölegini uguralla salgamaga başlady:
— Ýalançy, biwepa-diýip, ol aglamyşlap gygyrýardy. Sähet birden oňaýyny tapyp, gelnini gujaklady, demir şarňyldap honda atylyp gitdi.
— Nämäň pikirini etdiň, Bägülim-diýip, ol henizem gahary ýatyşmaýan gelnini gaýym tutup durşuna düşündirjek bolýardy. Bägüliň «Menden eliňi çek» diýip aýdýan sözleri şeýle bir gowuşgynsyz çykýardy welin, onuň özü-de öz sesini eşitmeýärdi. Ýokardan aýak sesleri eşidildi, uzyn boýly görmegeý ýigit bulara garap, gülümjiräp durdy.
— Tanyş bol, şol gullukdaş dostum, Geldimyrat-diýip, nätanyş kişini görüp, biraz köşeşen gelnine garap, Sähet ýylgyrdy. Ol gelnini gujagyndan goýbermän ýokary galyp ugrady. Sähediň gullukdaş dosty bolsa, basgançaklardan galyp barşyna tiz-tiz yzyna garanjaklaýardy. Üçünji gatdaky öýüň giňden açyk gapysynyň agzynda eli çagaly gelin bu gaýda-gaýmalaşyga geň galyp, seredýärdi.
— Keýwany, ine şu gelin Bägül, ýörite tanyşmaga gelipdir-diýip, ýigit bara-barmaşa henizem ýylgyrjakap şadyýan seslendi.
Gelşiksiz ýagdaýda galan oba gelni yza gaýtjagyny-da, içeri girjegini-de bilmän ýaýdandy. Sähet bolsa, çalt-çalt gürläp bir zatlar düşündirmäge çalyşýardy. Otagyň ortasynda üýşüp ýatan el telefonlaryny, işledilgi kompýuterleri görensoň, Bägül öz bolşuna güljegini-de, aglajagyny-da bilmedi. Ol öz etmişi üçin ötünç soraýan ýaly, olara garanjaklaýardy.
— Firmamyza täze el telefonlary geldi-de, şony iňlis dilinden başga dile geçirýäs-diýip, öý eýesi düşündirýärdi. -Bahana bilen ine, tanyş bolduk. Özüňi bir dürse, Bägül!
Öý bikesi ukudan oýanan çagajygy adamsyna berdi-de, Bägüliň ýanyna bardy, ony elinden tutup, ony kürsä oturtdy.
— Baryndan beter maşyny zaýaladym, demirde nä günä bar ahyryn-diýip, ol kemiş-kemiş edýärdi. Şu mahal maşyn ýatlaryna düşen ýaly, ýigitler aýna baka ylgadylar. Soňra-da biri-birine garap, eginlerini gysdylar.
— Aşakda maşyna ýok-diýip, öý eýesi geň galyp dillendi.

– Ony kim münüp gitdikä?-diýip, Bägülem aýnaň ýanyna bardy, dogrudan-da, daşarda şol maşyn ýokdy.
– Meň maşynym jaýyň gaýra ýüzünde dur-diýip, Sähet gelniniň soragly nazaryna garap aýtdy.
Soňra-da uly sesi bilen «hahahaýlap» güldi:
– Bilýäňmi, onuň kimiň maşynydygyny?-diýip, ol gülmesini bes etmän aýtdy.-Ho-ol goňşymyz bardyr-a Üzümgül diýen, ine, şoň adamsynyň maşyny ol. Şu jaýyň ikinji gatynda bir gelniň ýanyna gelýärmiş. Aýalym yzymdan aňtap geläýdimikä öýdüp, gaçyp gidendir.
Bägül birgeňsi garady, ses-üýnsüz esli wagt oturdy. Uzakly gün kalbyny oda salan otlukly duýgusynyň özüni şeýle bagt synagyndan geçirenine guwanjyndan Sähedi gujaklady: «Meni bagyşla!» diýip, onuň gulagyna mylaýym pyşyrdady.

Amanmyrat SAPAROW. Hekaýalar